Topragyň biologik özboluşly aýratynlyklary - Meýdan çäresi B01

# Köklere syn etmek[1]

*Maglumat posterleri n. 8a*

**DERWAÝYSLYGY**

Kökleriň nähili aralaşýandygyna we ösýändigine syn etmek topragyň düzümi we konsistensiýasy barada möhüm maglumatlary almaga mümkinçilik berer. Dykyzlandyrylan ýa-da gaty gatlak ýaly aralaşmaga ýokary garşylygy bolan topraklar kökleriň dik ösmegine we ösüp ýaýramagyna päsgelçilik döredýärler, şonuň netijesinde olar gapdala ösýärler. Bu bolsa, ösümlikleriň suwy we iýmitlendiriji maddalary siňdirmeginiň çäklendirilmegine, dökünleriň netijeliliginiň peselmegine, aşgarlanmanyň ýokarlanmagyna we hasyllylygyň peselmegine getirýär. Kökleriň çüýremegi we guramagy, aýratyn hem, batgalaşmaga ýykgyn edýän, güýçli dürli-dürli we ýaramaz aerirlenen topraklarda zyýankeşleriň we keselleriň netijesinde hem döräp biler.

**MATERIALLAR**



Pil



Şpatel



Lupa

**PROSEDURA**

1) Mümkin boldugyça, bag susgujyny ýa-da pil ulanyp, ölçegi, takmynan, 40 x 40 x 40 sm (70 x 70 x 70 x 70 sm; agaçly ekinler bolan halatynda) bolan çukur gazmaly we gazylan blok topry ýygnamaly.



© D. Ochoa

2) Köklere gözegçilik etmek üçin şpateliň kömegi bilen blogyň üstüni arassalamaly.



© S.Pioli

3) Goşmaça gözegçilik etmek üçin, şpateliň kömegi bilen, üsti açylan toprak kesigini arassalamaly we ulaldyjy aýnanyň kömegi bilen (zerur bolanda) kökler ulgamlaryna syn etmeli.



© S.Pioli

| | |
|---|---|
| USULYŇ ARTYKMAÇLYKLARY | Zerur gurallaryň uly bolmadyk möçberini ulanyp, baha bermegi geçirmegiň ýönekeýligi |
| USULYŇ KEMÇILIKLERI | Deňeşdirmek maksady bilen, dürli toprak şertlerinde dürli kök ulgamlaryna gözegçiligi amala aşyrmak zerur. |
| SERETMÄGE DEGIŞLI SORAGLAR | Toprak oba hojalyk ekinleriniň sagdyn kök ulgamynyň doly möçberde ösmegine mümkinçilik berýärmi? Kökleriň topraga aralaşyşynyň çuňluk derejesi nähili?<br>Kökleriň ýogynlygy nähili? Olaryň sagdynlyk derejesi nähili? Kökler topragyň içinden geçip ýeňil ösüp ýetişýärlermi ýa-da olar gyşarypmy? |

| SELJERMÄNIŇ MYSALLARY | | |
|---|---|---|
| PES | ORTAÇA | OŇAT |
| Janly kökleriň az möçberi ýa-da ösüşiň bozulmasynyň ep-esli alamatlary (gyşarma, çuň däl ýa-da kese ösüş, kökleriň galňamagy). Kösükli ekinlerde hasylynyň gowşak emele gelmegi, şeýle ýagdaý, hat-da üstki tekizligiň çäklerinde hem mümkindir. Biomassasynyň pes bolmagy. | Dik göni ösen, şahalanýan kökleri uly möçberde bolan we ownuk içine sorujy kökjagazlary bolan, kökleriň ep-esli möçberiniň bolmagy. | Dik göni ösen, köp sanly şahalary we ownuk kökjagazlary bolan, köp sanly kökleriň bolmagy. Kökleriň ösüşi fiziki we himiki çäklendirmelersiz bolup geçýär, olar topraga çuň aralaşýarlar. Kösükli ekinlerde hasylynyň bol emele gelmegi. Biomassasynyň ep-esli möçberi. |

[1] https://www.nrcs.usda.gov/Internet/FSE_DOCUMENTS/nrcs142p2_050956.pdf